# Melhemler düwünçeginden

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Melhemler düwünçeginden

MELHEMLER DÜWÜNÇEGINDEN

■ Garaly

Garalynyñ dermanlyk häsiýeti gadymdan bäri mälim. Gülgün reñkli garalynyñ gara garalydan, ak reñkli garalynyñ gyzyl reñkli garalydan bejerijilik häsiýeti güýçli hasaplanýar.
Gök garalynyñ suwuny sykyp, bal bilen garyp içmek derlek adamlara maslahat berilýär.
Onuñ şäniginiñ mañzyny bal we alma sirkesi bilen garyp ba:şa (ýazwa), demrewe çalsañ bire-bir em bolýar. Onuñ ýapragyndan taýýarlanan melhem bilen agzy, bokurdagy çaýkasañ agyz boşlugyna ýara düşmeýär.
Şäniginden alnan ýag gözüñ görejini ýiteldýär.
Turşy garaly dem alyş organlardaky sowuklamany aýyrýar, ýüregi sazlaşykly işledýär. Ol iç ýöremä, bedendäki artykmaç ýaglary, zäherleri çykarmaga kömek edýär. Derisi gurak, ýüzi wagtyndan öñ ýygyrt atmaga häsiýetli adamlar süýji garaly iýmeli. Süýji garaly ödi, bagry arassalaýar. Turşumtyl süýji garalynyñ şiresi aýbaşysy wagtynda gelmeýän zenanlara örän peýdaly. Garalynyñ mañzy peşew haltadaky daşy eredýär.

■ Eşekýorunja

Bedene ýygnanan ýagy, zäheri, bagyrda, ötde, böwrekde, peşew haltada emele gelen daşlary eredip bedenden çykarmaga häsiýetli. Onuñ melhemini her üç aýdan 10-12 gün içen adam berk bedenli, kesele garşy göreşmäge ukyply bolýar.
Eşekýorunjanyñ sykylyp alnan suwuny ýumurtganyñ agy bilen garyp, bedeniñ daş ýüzünde dörän çişlere ýapyp bejerip bolýar. Şeýle hem onuñ melhemi ba:ş keseline dermandyr.
Eşekýorunjanyñ sykylyp alnan suwuny gulaga damdyrsañ

gulagagyra bire-bir em bolýar. Onuñ melheminden kellä ýapsañ, kellagyryny aýyrýar. Şeýle melhemden göze ýapgy etseñ, gabagyñ çişini, göz sowuklamasyny aýyrýar.
Gadymyýetde eşekýorunjadan ýörite taýýarlanan melhem bilen çaga düşüripdirler. Ýapragyndan we baldagyndan taýýarlanan melheme suwa düşmego gijilewükli adamlara maslahat berilýär. Şol melhem sowuklamanyñ hem bire-bir emidir.

■ Ajy ýowşan

Lukman Hekimiñ tassyklamagyna görä iñ oñat ýowşan Horasan we gündogar ýowşanydyr. Olaryñ dermanlyk häsiýetleri güýçli. Gadymyýetde ondan miwe şerbeti bilen garyp, meý, bal garyp, şerap ýasapdyrlar. Onuñ ýapraklaryny ýüñ geýime sepseñ, güýe düşmeýär. Hat ýazylýan syýa onuñ suwuny garsañ ömürlik öçmeýär.
Onuñ melheminden ýüzüñi ýuwsañ ýüzüñ reñkimo durlaýar. Ýowşan melhemi içde dörän ýara bire-bir emdir. Ýöne ýowşan kelleagyryly adamlara we aşgazany gowşak adamlara zyýanlydyr.
Onuñ melhemini göze ýapsañ, gözüñ almasyna gan inmekden, göze hapa ýygnamakdan, göz çekmekden, gözüñ çişmeginden saklaýar.
Onuñ melhemine nahar sodasyny garyp, bokurdagyñy çaýkasañ anginany aýyrýar. Şeýle melhemlerden her gün 2 nahar çemçe içilse sarygetirme keseliñ öñüni alýar. Injir, soda, un, melhem garylyp taýýarlanan hamyry dalagyñ üstüne ýapsañ, çişi aýyrýar. Tüwi bilen ýowşany garyp gaýnadyp, ajöze azajyk iýseñ, içdäki gurçugy öldürýär. Onuñ melheminiñ peşew we aýbaşy ýörediji häsiýeti güýçli.
Şeýle melhemi möý, içýan çakan ýere çalmak hem peýdaly.
Ýowşanyñ melhemine mata ezip, ödüñ we bagryñ üstüne ýapsañ, içde dörän sanjyny aýyrýar.

■ Ýumurtga

Iñ oñat ýumurtga towugyñ, turaçyñ, käkiligiñ ýumurtgasy hasaplanýar. Onuñ sarysunu ajöze içseñ, aşgazanda, içegede dörän ýarany bitirýär. Gözüñ görejiniñ ýitelmegine getirýär. Sarysyndan taýýarlanan ýag ýanygy basym bitirýär we deriniñ

reñkini öňküsi ýaly endiganlaşdyrýar.
Ýumurtganyň agyny ýüze çalsañ, ýüzüm derisini Günden goraýar. Eger oña zeýtun ýagyny garyp, içegäni ýuwsañ, içegedäki ýarany aýyrýar. Şeýle melhemi çybana çalsañ, ýara basym bitýär. Onuñ sarysynu babasile ýapsañ 3-4 günüñ dowamynda näsag ol dertden dynýar.
Ýumurtga nerwini ýumşadýar. Ony bognum agyryly ýerlerine ýapsañ, bogundaky agyrylary aýyrýar.
Ýumurtganyñ sarysy gulagyñ içinde dörän çişi aýyrýar. Onuñ sarysyny hyna bilen garyp, ýatgy ýoluna goýuberseñ, ýatgyda ýañy dörän çişi aýyrýar. Gazyñ ýumurtgasynyñ sarysyny zeýtun bilen garyp ulansañ, aýal kesellerine bire-bir em bolýar.

■ Çopantelpek

Ýaş, otlary gögräk wagty ýyglan çopantelpegiñ dermanlyk häsiýeti güýçli bolýar.
Çopantelpekden taýýarlanan melhem içde dörän gaty çişleri ýumşadýar. Yzygiderli melhem içilende çişi eredip, bedenden çykarýar. Bedende ganyñ goýalmasynyñ öñüni alýar. Iriñli ýaralary, bedeniñ içindäki we daşyndaky ba:şlary basym bejerýär.
Çopantelpegiñ melhemini bogun nerwlerine ýapsañ ýumşadýar. Adam nerw dartgynlygynda wagty şu melhemi içse, dartgynlylyk gowşaýar, beden berkeýär. Hemişe gözden ýaş aksa, çopantelpegiñ melhemini ýapmaly.
Ter çopantelpegi ýatjak wagtyñ ysgasañ, çuññur ukladýar. Ter çopantelpegi üwäp, suwuny demgysma ulansañ, bire-bir em bolýar. Ýöne çopantelpegi gereginden artyk ulansañ, aşgazanyñ işleýşini gowşadýar, içki diwarlaryny guradýar.
Çopantelpekden taýýarlanan melhem çakyzany aýyrýar. Onuñ melhemini kellä ýapmak peýdaly. Bu melhem gyzdyrma, tutgaý kesellerini bejermäge-de kömek edýär. Ony bal bilen garyp içseñ, peşewi güýçli çykarýar, peşewhaltadaky daşy, goýalan gany eredýär.
Çopantelpegiñ gülüni meýe demläp içseñ, wagtynda gelmeýän aýbaşyny getirýär. Onuñ ýagyny ýatgy ýoluna ýapsañ ýatgydaky

çişi aýyrýar. Şeýle ýagy babasile, erkek adamyñ ýumurtgalygyna suw ýygnanan bolsa ulansañ oñat netije berýär. Çopantelpegiñ melhemi ýüzüñ, tutuş bedeniñ derisi üçin, saç üçin örän peýdaly. Ol derini we saçy nurlandyrýar.

Taýýarlan: Oguljemal ÇARYÝEWA.

# watan_99

Medisina